ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK
BILIMI MINISTRLIGI
RESPUBLIKAN BILIM MERKEZI

# TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY BOÝUNÇA
# IV,V,VII, X SYNPLARY SYNPDAN-SYNPA GEÇIRIŞ,
# IX, XI SYNPLARYŇ GUTARDYŞ EKZAMENI MATERIALLARY

Daşkent 2011

## TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY

## (IX—XI synplar üçin)

11-nji synpyň okuwçylary gutardyş synagynda düzme ýazýarlar. Düzme ýazmak üçin okuwçylara 3 topar temalar hödürlenýär. Birinji toparda klassyky edebiýata degişli 12 tema, 2-nji toparda häzirki zaman edebiýatyna degişli 12 tema, 3-nji toparda erkin tema degişli 12 tema berilýär.

Düzme ýazanda okuwçylar ele alan bilim, endik we başarnyklary esasynda temalary saýlap alýarlar. Temalaryň köp bolmagy olaryň saýlap almak mümkinçiliklerini giňeldýär. Okuwçylar ýazuw işlerini ýazanda öz pikirini gysga, yzygider, tema dogry gelýän ýagdaýda beýan etmelidirler. Ýazuw işinde Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünlikleri, ata-babalarymyzyň ruhy we medeni mirasy, halkymyzyň gadyrlanyp gelýän däp-dessurlary, edim-gylymlary, ösen tehnika we kommunikasiýa tehnologiýalary, bazar ykdysadyýeti, dostluk-doganlyk, agzybirlik, häzirki zamandaky dünýäde bolup geçýän halkara problemalar hakyndaky bilimlerinden peýdalanmalydyrlar. Şonuň bilen birlikde okuwçylar öz döreden goşgulary ýa-da başga döredijilik işlerinden hem peýdalanyp bilerler.

Ekzamende düzme ýazmak üçin 4(dört) sagat wagt berilýär.

XI synp okuwçylaryna 2010-2011-njy okuw ýylynda türkmen dili we edebiýat boýunça geçiriljek döwlet ekzameninde düzme ýazmak üçin aşakdaky temalar hödürlenýär.

1- nji topar: Klassyky edebiýatdan:

1. Magtymguly saýrak dili türkmeniň.
2. Mollanepesiň söýgi lirikasy.
3. Misgingylyjyň döredijiliginde öwüt-nesihat temasy.
4. Türkmen klassyky şahyrlaryň döredijiliginde dostluk-doganlyk waspy.

5.Türkmen halk döredijiligi ata-babalarymyzdan galan medeni mirasdyr.

6. Türkmen dessanlarynda söýgi temasy.

7. Alişer Nowaýy we türkmen klassik edebiýaty.

8. Alişer Nowaýynyň «Perhat- Şirin» eseriniň terbieçilik ähmieti .

9. Zeliliniň döredijiliginiň terbiýeçilik ähmiýeti

10. Annagylyç Mätäji söýgi hakynda .

11. Keminäniň satiriki şahyr.

12. Mollanepesiň «Zöhre-Tahyr» dessany, ideýa-mazmuny.

2-nji topar: Häzirki zaman türkmen we doganlyk halklaryň edebiýaty:

1. A. Kekilowyň «Söýgi» romanynda halan gahrymanyň obrazynyň saňa eden täsiri.

2. Abdulla Kadyrynyň «Öten günleri» romanynda Atabegiň obrazy arkaly wepalylygyň wasp edilişi.

3. Özbegistanyň türkmen şahyrlarynyň döredijiliginde Watanyň, garaşsyzlygyň, dostluk-doganlygyň waspy.

4. N. Saryhanowyň «Kitap» hekaýasynyndaky esasy ideýa.

5. N. Saryhanowyň «Şükür bagşy» powestiniň saňa eden täsiri.

6. Berdi Kerbabaýewiň “Myraly” eseriniň doganlyk-dostlugy pugtalandyrmakdaky ähmiýeti.

7. Hydyr Derýaýewiň “Y k b a l” romanynda Uzukjemalyň obrazy mertligiň we çydamlylygyň nyşany hökmünde.

8.Gara Seýitliýew – aýdymçy şahyr we jemgyýetçilik işgäri.

9. Kerim Gurbannepesowyň “A ý a l b a g ş y” poemasynda türkmen milli aýdym-saz sungatynyň waspy.

10. Mätýakup Koşçanowyň watançylyk temasy.

11. . A. Kekilowyň «Söýgi» romanynda aýal-gyzlaryň wepalylygynyň waspy.

12. «Şükür bahşy» romanynda agzybirlik temasy.

## ERKIN TEMALAR

1. Edebiýat – adam ruhuny şekillendiriji serişdedir.
2. Milli ruh, çeper edebiýat we ýaşlar.
3. Özbegistan — Watanym meniň.
4. Meniň obam – dogduk depäm.
5. Meniň durmuşdaky arzuwym.
6. Ruhy çeşmäm, ýüregimiň damary sen mähriban enem.
7. Watan bosagadan başlanýar.
8. Tebigaty goramak — mukaddes borç.
9. Kitap bilimiň çeşmesi.
10. Meniň söýýän edebi gahrymanym.
11. ÝAşlar-Watan geljegi
12. Zähmet çeken ilde eziz.

Düzmäniň temasyny mugallym saýlap alýar we mekdebiň metodiki birleşmesinde ara alnyp maslahatlaşylýar. Saýlanan temalar mekdep ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

Okuwçylaryň ýazan düzmelerine 2 sany baha goýulýar.

Birinji baha okuwçynyň döredijiligi üçin goýulýar. Düzme işi aşakdaky kriteriýalaryň esasynda bahalanýar.

- «5» baha temanyň mazmuny giňden açyp berilse, okuwçynyň edebi dili baý bolsa, tema mazmun taýdan bitewi, özara bagly we yzygider beýan edilen bolsa. Okuwçynyň ýazuw nutky anyk we düşnükli. Ol temany jemläp we anyk netije çykarmagy başarsa.
- «4» baha temanyň mazmuny beýan edilende bir-iki ýerde ýalňyş göýberilse.
- «3» baha okuwçy tarapyndan temanyň mazmuny doly beýan edilmedik, temadaky käbir ähmiýetli ýerler galdyrylyp gedilen ýa-da anyk berilmedik, nutkyň konstruksiýasy ýeterli derejede bolmadyk işlere goýulýar.

- «2» baha temanyň mazmuny açylmadyk, sözlemiň gurluşy we sözlemleriň arasyndaky baglanyşyk nädogry bolan işlere goýulýar
- «1» baha temanyň mazmuny umuman açylmadyk, nutk düşnüksiz we tertipsiz berlen işlere goýulýar.

Düzmede ikinji baha okuwçynyň orfografiki we punktuasion sowatlylygyny hasaba alan ýagdaýda diktant normalary boýunça bahalanýar.

- «5» baha  ýalňyşsyz ýazylan, bir orfografiki ýa-da 1 punktuasion ýalňyşdan aşmadyk, 3den aşmadyk düzütmeler bar bola nişe goýulýar
- «4» baha  ýalňyşlaryň umumy sany dörtden aşmadyk ( 2 orfografiki, 2 punktuasion  ýa-da 4 orfografiki ,4 punktuasion) işlere goýulýar
- «3» baha  4 orfografiki,4 punktuasion ýa-da 3 orfografiki  ,5 puktuasion, ýa-da orfografiki  ýalňyşy bolman diňe 7 punktuasion ýaňyş göýberilen bolsa goýulýar
- «2» baha ýalňyşlaryň sany «3» baha goýulýan işiň çäginden aşan: 7 sany orfografiki,7 punktasion,ýa-da 6 orfografiki,8 punktasion ýa-da 8 orfografiki,6 punktasion ýalňyş goýberilen işlere goýulýar.

## X synp üçin

10-njy synpy gutarýan okuwçylar «Edebiýat» predmeti boýunça dilden synaglar tabşyrýarlar. Synag üçin düzülen biletler 2 soragdan ybaratdyr.

## Edebiýat boýunça X synp okuwçylaryny synpdan-synpa geçirmek üçin bilet soraglary.

Bilet sowallaryna okuwçylar agzeki jogap berýärler. Her biletde iki sorag berlen bolup, birinji sorag X synplarda okap öwrenilen ýazyjy-şahyrlaryň ömri we döredijiligi barasynda.

Biletleriň ikinji soraglarynda şahyrlaryň şygyrlaryny ýatdan aýdyp bermek, labyzly okamak, eseri derňemek we ondaky wakalara, gahrymanlaryň obrazlaryna bolan garaýşy beýan etmek ýaly tabşyryklary berlendir.

## 1-nji billet

1. Pälwan Mahmyt Horezminiň döredijiligi.
2. Halk döredijiliginiň ähmiýeti barasynda aýdyň.

## 2-nji bilet

**1.** Muhammet Horezminiň döredijiligi.

2. Nejep oglanyň nähili häsiýetlerini haladyňyz? Näme üçin?

## 3-nji bilet

**1.** Ahmet Burhaneddin Siwaslynyň döredijiligi.
2. Nejep oglan kimiň elinde terbiýelenýär we näme üçin Aşygaýdynyňka iberilýär?

## 4-nji bilet

1. Bagşy sözüniň manysyny düşündiriň.
2. “Nejep oglan” dessany nähili temada? Onuň beýleki türkmen halk dessanlaryndan näme aýratynlygy bar?

## 5-nji bilet

1. Abul Wepaýy Horezminiň döredijiligi.
2. Ibn Sinanyň rubagylaryny okaň we mazmunyny düşündiriň

## 6-njy bilet

1. Mesnewi näme?
2. Abulkasym Mahmyt az-Zamahşarynyň haýsy eserleri bize miras galypdyr. Onuň bir eserini labyzly okap beriň?

7-nji bilet

**1.** Mowlana-Hüseýin Horezmi
2. Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwany-lugat et-türk” eseriniň türki dilleri öwrenmekdäki ähmiýeti barada aýdyň.

8-nji bilet

1. Nowaýy we türkmen edebiýaty
2. Wepaýy “Rawnakyl-yslam” kitabyny Wepaýy näçenji ýyllarda ýazypdyr? Şu kitap näçe bapdan ybarat?

9-njy bilet

1. Meşrebiň durmuş ýoly hakynda gürrüň beriň.
2.“Baburnama” eseriniň mazmunyny gysgaça gürrüň beriň

10-njy bilet

1. Magtymguly Pragynyň döredijiligi.
2. Baýram hanyň söýgi, dostluk baradaky haýsy goşgularyny haladyňyz?

11-nji bilet

1. Edebiýat nazaryýeti: Tahmys
2. Magtymguly “Çilimkeş” diýen eserinde adamyň saglygy üçin çilimiň zyýany hakynda nämeler aýdýar?

11-nji bilet

1. Edebiýat nazaryýeti: Däp. Dörtleme.
2. Meşrep lakamyndaky “Ylahydan berlen talantly” diýen söze nähili düşünýärsiňiz?

.

12-nji bilet

1. Magtymguly il-ýurt, gahrymançylyk barada nähili goşgular ýazypdyr?
2. Magrupynyň ”Watanym galdy” goşgusy nähili temada?

13-nji bilet

1. Magtymguly dostluk, söýgi lirikasynda nähili ideýalary öňe sürüpdir?

2. Berhurdar türkmen nämeleri nesihat edipdir?

14-nji bilet

1. Z. M. Baburyň biziň edebiýatymyzda we medeiýetimizde tutýan orny barada.
2. Talyby. “Dilşady men” goşgusy nähili temada ýazylypdyr?

15-nji bilet

1. Baýram han haýsy temalarda, haýsy eserleri döredipdir?
2. “Dilşady men” goşgusynda atlary agzalan aşyk-magşuklar barada nähili eserler bar?

.

16-njy bilet

1. Magtymguly gelin-gyzlary nähili taryp edýär?
2. «Tulum hoja» dessanynyň baş gahrymanlarynyň obrazy hakynda gürrüň ber.

17-nji billet

1. Edebiýat nazaryýeti: Fantaziýa.

2. Magtymgulynyň “Syn gerekdir gözele” diýen setiriniň manysyny düşündiriň.

18-nji bilet

1. Magtymgulynyň öwüt-nesihat temasyndaky goşgularynyň häzirki gündäki ähmiýeti.

2. Aşykynyň ”Kärine degmez” goşgusyny ýatdan aýt.

19-njy bilet

1. Döwletmämmet-Balgyzylyň söýgi lirikasy.

2. Körmallanyň «Neşekeş» goşgusyny ýatdan aýdyp ber.

20-nji bilet

1. Magtymguly Özbegistanda ýerleşen haýsy okuw medreselerinde ylym alypdyr?
2. “Ýusup-Ahmet” dessandaky haýsy bagşylar ussatlyk bilen ýerine ýetirýärler?

21-nji bilet

1. Misgini haçan, nirede ýaşap geçipdir? «Joşy bolmasa» goşgusynda şahyr nähili öwüt-nesihat berýär?
2. Körmolla neşekeşiň daşky sypatyny, häsiýetini neneňsi teswirleýär?

22-nji bilet

1. Kätibi näçenji ýyllarda ýaşapdyr. Ol nirelerde bilim alýar?
2. Baýram şahyryň “Kä erkek aýalça ýokdur, özi akmak mahy bolar” diýen setirleriniň manysy näme?

23-nji billet

1. Magrupy nirede önüp-ösüp, ýaşapdyr?
2. Kätibiniň “Begenmez” goşgusy nähili temada ýazylypdyr?

24-nji bilet.

1. Misgini haçan, nirede ýaşap geçipdir?
**2.** Molladurdynyň “Hojaguly” goşgusyny ýatdan aýt.

25-nji bilet

1. Baýly şahyr näçenji ýyllarda ýaşapdyr, şahyryň “Bolmagyn”, “Har eýlär” goşgulary haýsy tema degişli ýazylypdyr?
2.“Ýusup-Ahmet” dessandaky haýsy gahrymanlary haladyň?

Okuwçylaryň agzeki jogaplaryны aşakdaky критериялар бюонча анализ эдилмели:

- Berlen jogabyň dogrulygy we dolulygy;
- Soralan materialy okuwçy öz pikiri, mysallar we faktlar bilen subut edip bilişi;

- Jogaby anyk, konkret görnüşde säginmän beýan etmegi;
- Eser we onuň gahrymanlary barasynda özbaşdak pikirini beýan edip bilmegi;
- Eserdäki wakalary düşündirip we derňäp bilmegi, agzeki nutkynyň rowanlygy.

Agzeki jogaplaryň bahalyşy.

- Eger okuwçy berlen soraglaryň hemmesine doly we ýalňyşsyz jogap berse, olara mysal we deliller getirse, agzeki nutky ýagşy we özbaşdak pikiri bolsa 5 ball goýulýar;
- Eger okuwçy 2 soragdan birine doly we ýalňyşsyz jogap berip, 2 soraga birinji soraga jogap beren ýaly jogap berip bilmese, ýöne 2 soraga mysal we deliller getirip bilse, özbaşdak pikiri bolsa 4 ball goýulýar;
- Soraglara degişli düşünjesi bolsa, ýöne olara degişli mysallar we deliller getirip bilmese, öz pikirini erkin beýan edip bilmese 3 ball goýulýar;
- Soraglara degişli hiç hili pikiri bolmasa, öz pikirini erkin beýan edip bilmese 2 ball goýulýar.
- Okuwçynyň jogaby iki baha goýulýan talapdan pes bolsa 1 baha goýulýar.

## IX SYNP ÜÇIN

Döredijilik beýannamasy bu okuwçy döredijiliginiň çylşyrymly görnüşlerinden biridir. Döredijilik beýannama saýlanyp alnan tema okuwçynyň döredijilikli ýanaşýandygy sebäpli beýannamanyň başga görnüşlerinden tapawudlanýar**.** Döredijilik beýannama okuwçylary saýlanan tekstiň çeperçilik jähtden anyk we berk, logiki yzygider, durmuş bilen bagly ýagdaýda beýan etmäge, özbaşdak döredijilikli pikir ýöretmäge, türkmen diliniň baý beýan ediş serişdelerinden önümli peýdalanmaga öwredýär, ýazma nutk başarnyklarynyň formirlenişini we sowatlylygyny ösdürýär. Bu ýönelişdäki bilim,başarnyk we endikleri anyklamak maksadynda ýazylýar.

Döredijilik beýannamada çeper,  medeni aň-bilim meseleleri, jemgyýetçilik we syýasy durmuş, ylmyň gazananlary hakyndaky temalar beýan edilýär.

Okuwçylar beýannamanyň aşakdaky görnüşlerinden peýdalanyp döredijilik beýannamasyny ýazýarlar.

- Tekste çeperçilik beýan etmek serişdelerinden peýdalanmak arkaly döredijilik beýannamany ýazmak
- Başlap berlen teksti öz pikirleri bilen dowam etdirmek
- Tekstäki şahsyýetleri özgerdip döredijilikli beýan etmek
- Grammatiki tapşyrykly döredijilikli beýannama

Döredijilik beýannama ýazylanda okuwçylar aşakdakylara üns bermelidirler:

- Tekstiň mazmunyny we ähmietine çuň düşünmek, näme hakynda ýazmalydygyny düşünmek;
- Tekste degişli maglumatlary ýatda saklamak;
- Tekstiň planyny(ýönekeý) düzmek;
- Plan esasynda esasy pikri anyk, yzygider beýan etmegi başarmak;
- Tekstdäki waka-hadysalary hemme taraplaýyn analiz edip açyp görkezmek;
- Tema degişli özbaşdak pikirlerini ýazyp bilmek;
- Jümleleri düzende usuly anyklyga, sowatlylyga üns bermek;
- Döredijilik beýannamanyň garalama nusgasy taýýar bolandan soň ,ony gaýtadan okap çykmak;
- Taýýar bolan ýazuw işini arassa göçürmek.

Beýannama tekstleri 3 wariantda taýýarlanýar. Her bir wariantda bir sany tekst bolup, her bir tekst bilen bilelikde döredijilik beýannama ýazmagyň bir görnüşi

esasynda tapşyryk berilýär. Bir okuwçy 3 wariantdan(konwertden) birini saýlap alýar. Saýlap alnan tekstiň ady tagtada ýazylyp goýulýar.Döredijilik beýannama üçin berlen tapşyryk hem tagtada ýazylýar. Mugallym döredijilik beýannamanyň tekstini bir(gerek bolsa iki) gezek okap eşitdirýär. Okuwçylar eşiden teksti boýunça berlen tapşyryk esasynda döredijilik beýannamany ýazýarlar. Döredijilik beýannamanyň göwrümi keminde 3,5 sahypa bolmaly.

Döredijilik beýannamany ýazmak üçin 2 astronomik sagat wagt berilýär.

Döredijilik beýannama üçin tekst mugallym tarapyndan saýlanyp alynýar we mekdebiň metodiki geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylýar. Makullanan material mekdebiň ýolbaşbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

Umumy bilim berýän mekdepleriň 9 synp okuwçylarynyň taýýarlyk derejesini bahalamagyň reýting ulgamyna görä döredijilik beýannama aşakdaky umumylaşdyrylan BBE elementleri esasynda barlanýar .

- Beýannamanyň tekstiniň plan esasynda doly we yzygider beýan edilişi
- Söz, jümle we frazeologik düşünjeleri orunly işletmek
- Tekstiň goşmaça ideýalar bilen doldurulandygy
- Özbaşdak we döredijilikli beýan edilişi
- Orfografiki we punktuasion ýalňyşlyklara ýol berilmezligi
- Arassa ýazuwyň talap derejesinde bolmagy

Döredijilik beýannamasy üçin okuwça iki sany baha goýulýar. Birinji baha okuwçynyň döredijiligi üçin goýulýar. Beýannama işi aşakdaky kriteriýalaryň esasynda bahalanýar.

- «5» baha ýazuw işinde tekstiň mazmuny giňden açylan we okuwçynyň döredijiligi anyk duýulýan ýagdaýda bolsa goýulýar.
- «4» baha temanyň mazmuny beýan edilende bir-iki ýerde ýalňyş göýberilse.

- «3» baha okuwçy tarapyndan temanyň mazmuny doly beýan edilmedik, temadaky käbir ähmiýetli ýerler galdyrylyp gidilen ýa-da anyk berilmedik, nutkyň konstruksiýasy ýeterli derejede bolmadyk işlere goýulýar.
- «2» baha temanyň mazmuny açylmadyk, sözlemiň gurluşy we sözlemleriň arasyndaky baglanyşyk nädogry bolan işlere goýulýar.
- «1» baha temanyň mazmuny umuman açylmadyk, nutk düşnüksiz we tertipsiz berlen işlere goýulýar.

Beýannamada ikinji baha okuwçynyň orfografiki  we punktuasion sowatlylygyny hasaba ýalan ýagdaýda diktant normalary boýunça bahalanýar.

- «5» baha  ýalňyşsyz ýazylan, bir orfografiki ýa-da 1 punktuasion ýalňyşdan geçmedik, 3-den köp bolmadyk düzedişler bar bolan işe goýulýar.
- «4» baha  ýalňyşlaryň umumy sany dörtden geçmedik ( 2 orfografiki, 2 punktuasion  ýa-da 4 orfografiki , 4 punktuasion) işlere goýulýar.
- «3» baha  4 orfografiki, 4 punktuasion ýa-da 3 orfografiki , 5 puktuasion, ýa-da orfografiki ýalňyşy bolman diňe 7 punktuasion ýalňyş goýberilen bolsa goýulýar.
- «2» baha ýalňyşlaryň sany «3» baha goýulýan işiň çäginden geçen: 7 sany orfografiki, 7 punktasion ýa-da 6 orfografiki, 8 punktasion ýa-da 8 orfografiki, 6 punktasion ýalňyş goýberilen işlere goýulýar.

**1-nji tekst**

Begli baba örän täsin adam. Ömrüniň köpüsini çopançylykda geçiren goja şu günler hem Garagumda mal bakýar.

Begli baba oba gelse-de,elmydama çopan goşuna howlugýar. Garagumuň arassa howasy, giň sähra, owlak- guzularyň birenaýy sesleri onuň basym çöle gitmegine sebäp bolýar.Çölüň jümmüşindäki çopan goşlaryna günde-günaşa dien ýaly maşyn gidip-gelip dur. Emma goja çopan welin dor atyna atlanýanyny kem görenok.

Munuň sebäbini köp adam bilmese bilmeýänem däldir. Begli babanyň düşünjesine görä, äpet maşynlar sähra asudalygyna öwrenişen çöl haýwanlaryny bezikdirýär. Orän seýrek görünýän jerenler gollara ýaň salýan maşyn sesinden ürküp, umma gaçýar. Towşanjyklar bolsa gorkujyklaryna girere deşik tapanoklar. Alakadyr körsyçanlar, ýylandyr suwulganlar hem uly basga galyşyp,çem gelen erde bukulýarlar. Garaguma bagry badaşan Adam üçin sähra gözelligini onuň haýwanat dünýäsi bilen bilelikde synlamasaň,hiç bir gyzygy hem ýok. Begli baba teşne nazary bilen çaňap ýatan çöli däl-de, tebigatyň döreden ajaýyp gözelligini synlaýar,ony goraýar.

Begli baba çagalary aýratyn gowy görýär. Çagalar hem gürrüňçi gojany gowy görýärler. Onuň her gezek çölden gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Çöden geldigem Begli babanyň töweregi topar çaga bolýar. Goja çopan olary daşyna üýşürip, tä diňläp ýadaýançalar gyzykly gürrüňler aýdyp berýär.

Döredijilik tapşyrygy

1. Teksti atlandyryň
2. Tekst boýunça beýannama ýaz
3. Tektdäki esasy ideýa nämeden ybarat?

**2-nji tekst**

**Türkmen nakyllary**

Türkmen halky geçmiş edebi mirasa baýdyr. Ol özüniň başyndan geçiren uzak taryhy döwründe dilden-dile, nesilden-nesile aýdylyp gelýän folklor eserleriň ajaýyp nusgalaryny döredipdir.

Türkmen halk döredijiliginiň köp žanrlara bölünýär. Olardan biri hem nakyllardyr.

Nakyllar halk döredijiliginiň ähmiýetli žanrlaryndan biridir.

Olar adamyň gündelik durmuşynda aktiw ulanylýar. Türkmen halky «Aklyň bolsa akyla eýer, aklyň bolmasa-nakyla» diýip, oňa uly baha berýär.

Türkmen halky dost-ýar, ýoldaş , goňşuçylyk aragatnaşyklaryna degişli örän köp sanly nakyllary döredirdir. Bu tapar nakyllarda esasan dostuňy oňat tanamak, adamlar bilen oňat aragatnaşyk saklamak ýaly zatlar hakynda aýdylýar.

**Döredijilik tapşyrygy**

1. Tekst boýunça beýannama ýaz.
2. Teksti özbaşdak dowam ediň.

## 3-nji tekst

### Adam eli – gyzyl gül

Öýümizden çykanymda geň galdym.Kakam mellegimizde täze nahallary oturdypdyr. Erikmi,almamy,narmyüljemi,garaz,mellegimiz nahallardan doly. Men kakamyň ýanyna bardym. Kakam meni gördi-de:

- «Adam eli – gyzyl gül»diýlenidir,oglum-diýip gülümsiredi:- Ýoksa-da, oglum,sen şol nakylyň manysyna düşünýäňmi?

Men: «jük»etdim-de,kellämi ýaýkadym.

-Dogrudan-da, heniz muňa düşünýän dälsiň. Ynha, wagty gelende saňa hökman düşündirerin.

Kakam şeýle diýdi-de, oturdan nahallaryna buýsanç bilen seretdi.

Şondan soň köp wagt geçdi. Kakamyň oturdan nahallary gowy düýp tutdy. Ozalky tozap ýatan diýen ýaly mellegimizi görmäge göz gerekdi.

Şol günleriň birinde kakam meni ýanyna çagyrdy. Soňra bolsa güle bürenip oturan mellegimize bakan elini uzatdy-da:

- Görýäňmi,oglum?-diýdi

- Hawa- diýdim.

- Hany,indi sen mellegimiziň ozalky bolşuny-da , häzirki ýagdaýyny-da deňeşdirip gör, şonda sen şol gezekki nakylyň manysyna düşünersiň,oglum!

Kakam başga zat diýmedi-de,gülümsiräp durdy. Asla, maňa başga söz gerek hem däldi. Indi maňa ol naklyň manysy düşüniklidi.

Döredijilik tapşyrygy:

1. Tekst boýunça beýannama ýaz

2.Zähmet hakynda ene-de nähili dana sözleri bilýärsiň?

3. Onuň manysyny gysgaça beýan et.

**IX synplar üçin Beýannamalaryň temalary**

1. N. Saryhanowyň «Kitap» hekaýasynda kitaba goýlan sarpa.

2. N. Saryhanowyň «Şükür bagşy» powestinde agzybirlik temasy.

3. «Görogly» eposynyň «Bezirgen» bölümi.

4. A. Kekilowyň «Söýgi» romanyndan halan gahrymanym.

6. Biz watanyň geljegi.

7. Özbegistanda ýaşaýan türkmen şahyrlarynyň eserlerinde Watanyň, dostluk — doganlygyň waspy.

8. Saglyk- baýlyk, ýaşlyk-döwlet.

9. Abdulla Kadyrynyň «Öten günler» romanynda wepalylygyň waspy.

10. Özbegistan — Watanym meniň.

11. Seýdiniň poeziýasynyň dili, çeperçiligi.

12. Gujak açýar,myhman alýar obamyz.

Döredijilik beýannamasynyň temasyny mugallym saýlap alýar we mekdebiň metodiki birleşmesinde ara alnyp maslahatlaşylýar. Saýlanan temalar mekdep ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

**Türkmen dili**

**(IV , VI synplar üçin)**

Tälim türkmen dilinde berilýän umumy orta mekdepleriň 4-nji synp okuwçylaryny synpdan-synpa geçirmekde türkmen dili boýunça ýazuw diktanty alynýar. Ýazylýan diktantyň teksti 75-80 sözden ybarat bolmaly. Diktantda harp we dyngy belgileriň ýalňyşlaryna ýol berilmeli däl. Sözler setirden setire dogry geçirilmeli. Tekst ýazylanda harplar bir-biri bilen dogry utgaşdyrylmaly we harplaryň ýazuw grafikasy dogry ýerine ýetirilmelidir. Ýazuw arassa ýazylmaly. Aşakda diktantlaryň tekstiniň 3 nusgasy berilýär.

**1-nji tekst**

**Obanyň gelşigi**

Meýdanyň ot-çöpi eýýäm gurap giden-de bolsa, obany ikä bölýän ýabyň raýyşlary gök çaýyrlykdy. Obanyň ekerançylygyny suwa ýakýan bu ýap obanyň gelşigidi. Onuň iki gyrasynda uly-uly toraňňylardyr suwotlar howalanyp otyrdylar.

Ýabyň sag kenarynda uly ekin meýdanda gawun ekilýär. Çep kenarda bolsa giden baran miweli bag ösüp dur. Bu bagda alma, şeptaly, nar agaçlary ösýär. Günortanyň yssysynda guşlaryň hemmesi şu baglara siňýärdi.

Ýap dolup akýar. Oglanlar hem hezil edip suwa düşýärler. Suw bar ýerde tebigat hem gözel.

10 sözlem, 76 sözden ybarat

**2-nji tekst**

**Awçy 53**

Merdan aga belli awçy.Onuň akylly aw tazysy hem bar. Onuň lakamy Ýyldyrym. Merdan aga tazysyna nädip aw awlamak gerekdigini öwretdi. Tazy Merdan aganyň ýanyndan aýrylmaýar. Ol ikisi ýakyn dost. Ol awa köplenç daglyk,baýyrlyk erlere gidýär. Käwagtlar bolsa obanyň günbatar tarapyndaky çöplük,tokaýlyk meýdandan aw awlaýar. Elbetde hemişe onuň ýanynda Ýyldyrym hem gidýär. Ol akylly we

öwredilen it. Şonuň üçin oňat aw awlaýar. Merdan aganyň tazyly awa gidip, awsyz gelen wagty ýok.

12 sözlem, 74 sözden ybarat

**3-nji tekst**

**Nowruz baýramy**

Her ýylyň 21-nji martynda biziň ýurdumyzda Nowruz baýramy bellenýär. Bu baýram Özbegistan garaşsyz döwlet bolandan soň bellenilip başlandy. Biz indii öz däp-dessurlarymyza ee bolduk.

Nowruz baýramynda hemmeler oňat geýnip köçä çykýarlar, ýörite meýdançalarda üýşüp, aýdym aýdýarlar, tans edýärler. Birnäçe erlerde at çapyşygy hem geçirilýär. Hemme ýerde toý, şatlyk, baýramçylyk. Adamlar bir-birini Nowruz baýramy bilen gutlaýarlar.59

Men hem mamam, babam we uýam bilen baýramçylyga bardyk. Babam Bize sowgat alyp berdi.

Nowruz baýramy hemişe ajaýyp bahar günlerine gabat gelýär.

9 sözlem, 79 sözden ybarat

4-nji synda diktant aşakdaky ýaly bahalanýar:

- «5» baha ýalňyşsyz ýazylan, bir orfografiki ýa-da 1 punktuasion ýalňyşdan geçmedik, 3-den köp bolmadyk düzedişler bar bolan işe goýulýar.
- «4» baha ýalňyşlaryň umumy sany dörtden geçmedik ( 2 orfografiki, 2 punktuasion ýa-da 4 orfografiki, 4 punktuasion) işlere goýulýar.
- «3» baha 4 orfografiki, 4 punktuasion ýa-da 3 orfografiki , 5 puktuasion, ýa-da orfografiki ýalňyşy bolman diňe 7 punktuasion ýalňyş goýberilen bolsa goýulýar.
- «2» baha ýalňyşlaryň sany «3» baha goýulýan işiň çäginden geçen: 7 sany orfografiki, 7 punktasion, ýa-da 6 orfografiki, 8 punktasion ýa-da 8 orfografiki, 6 punktasion ýalňyş goýberilen işlere goýulýar.

## EDEBIÝAT
## (V synplar üçin)

Edebiýat boýunça 5-nji synp okuwçylaryny synpdan-synpa
geçirmek üçin bilet soraglary.

Bilet sowallaryna okuwçylar agzeki jogap berýärler. Her biletlerde iki sorag berlen bolup, birinji sorag başlangyç synplarda okap öwrenilen ýazyjy-şahyrlaryň ömri we döredijiligi barasynda.

Biletleriň ikinji soraglarynda şahyrlaryň şygyrlaryny ýatdan aýdyp bermek, labyzly okamak, eseri derňemek we ondaky wakalara, gahrymanlaryň obrazlaryna bolan garaýşy beýan etmek ýaly tabşyryklary berlendir.

1-nji bilet

1. Magtymguly-Pyragy näçenji ýylda we nirede doglan.
2. «Balam» goşgusynyň awtory kim, ony ýatdan aýdyp beriň.

2-nji bilet

1. Mollanepesiň ömri we döredijiligi barada gürrüň beriň.
2. «Jigitler» şygry kim tarapyndan döredilen we onuň mazmuny barada gürrüň beriň.

3-nji bilet

1. Gafur Gulamyň döredijiligini gürrüň ediň.
2. «Baş üstüne» goşgusyny ýatdan aýdyp beriň.

4-nji bilet

1. B. Kerbabaýew haýsy eserleri ýazypdyr?
2. «Doganlyk» şygyryny ýatdan aýdyň. Goşgynyň mazmunyna siziň garaýşyňyz nähili?

5-nji bilet

1. A. Kekilow näçenji ýyllarda ýaşap geçdi?
2. «Mugallymyň gyzy» powestiniň mazmunyny gysgajyk edip gürrüň beriň.

6-njy bilet

1. Ata Salyhyň döredijiligi we onuň ýazan basnýalary hakda gürrüň.
2. «Aňsa» goşgusyny ýatdan aýdyp beriň.

7-nji bilet

1. Alyşir Nowaýynyň ömri we döredijiligi barada söhbet .
2. «Çopan we patyşa» eseri haýsy žanr görnüşine degişli, onuň mazmunyny gysgaça beýan ediň.

8-nji bilet

1. Ibn Sina kim bolupdyr, ol barada gürrüň ber. Ol haýsy on zat ähli asyllylygyň çeşmesidir diýip belläpdir?
2. Iň oňat gören goşgyňy labyzly okap ber.

9-njy bilet

1. Günhoja haýsy döwrüň şahyry, onuň ömri barada aýdyp beriň.
2. «Ýagşydyr» goşgusyny ýatdan aýdyň we derňäň.

10-njy bilet

1. Baýram şahyryň ömri we döredijiligini gürrüň edip beriň.
2. «Şaglap iner bürgütler» goşgusyny labyzly okaň.

11-nji bilet

1. H. Ysmaýylowyň ömri we döredijiligini aýdyp beriň.
2. «Eneş» powestininiň gysgaça mazmuny.

12-nji bilet

1. Y. Ýusupowyň döredijiligini gürrüň ediň.
2. «Doganlyk» goşgusynyň awtory kim, ony labyzly okap beriň.

13-nji bilet

1. Gurbandurdy  Zelili haýsy döwürde ýaşan?
2. Şahyryň haýsy goşgusyny ýatdan aýdyp  bilersiňiz?

14-nji bilet

1. Seýitnazar Seýdiniň ömri we döredijiligi.
2. «Ýagşydyr» goşgusyny kim ýazdy, ony ýatdan aýdyň.

15-nji bilet

1. Gafur Gulamyň ömri we döredijiligi hakynda gürrüň beriň.
2. «Hojaguly» goşgusynyň mazmuny.

16-njy bilet

1. Nurberdi Pommanyň ömri barada aýdyp beriň, ol nähili şahyr bolupdyr?
2. «Watanym» şygyryny labyzly okap beriň.

17-nji bilet

1. Mirkerim Ösüm barada gürrüň. Onuň «Tumaris» hekaýasyndan aýdyp beriň.
2.  «Dönmenem begler» goşgusyny ýatdan aýdyň.

18-nji bilet

1. I.A. Krylowyň döredijiligini aýdyp beriň.
2. «Möjek bilen Guzy» basnýasyny gürrüň ediň.

19-njy bilet

1. A.S. Puşkin haýsy döwürde ýaşan.
2. «Türkmen dili» goşgusyny ýatdan aýdyň.

20-nji bilet

1. T. Kaýypbergenowyň «Sag bol, mugallym» powestiniň mazmunyny gysgaça gürrüň edip beriň.
2. «Garga we Tilki» basnýasynyň mazmuny.

21-nji bilet

1. Ä. Şamyradow haýsy halkyň ýazyjysy, onuň ömri we döredijiligi hakda gürrüň beriň.
2. «Howandarlyk» hekaýasynyň gysgaça mazmuny.

22-nji bilet

1. Ý. Durdyýew barada gürrüň beriň.
2. Gunhoja şahysyň «Ýerlerim» goşgusyny okap derňäň.

23-nji bilet

1. Ata Köpekmergen şahyryň ömri barada gürrüň ediň we onuň şorta sözlerinden aýdyp beriň.
2. «Ilden öwrendim» goşgusyny labyzly okaň.

24-nji bilet

1. A. Gowşudowyň ömri we döredijiligini aýdyň.
2. «Ahyrzaman» romanynyň awtory kim? Onuň gysgaça mazmuny.

25-nji bilet

1. Ç. Aýtmatow haýsy halkyň ýazyjysy?
2. «Dönmenem begler» goşgusyny ýatdan aýdyň.

Okuwçylaryň agzeki jogaplarының үсти билен ББЭлериң ашакдакылары барланяр;

- Soralan materialy okuwçy öz pikiri, mysallar we faktlar bilen subut edip bilişi;

- Jogaby anyk, konkret görnüşde säginmän beýan etmegi;
- Eser we onuň gahrymanlary barasynda özbaşdak pikirini beýan edip bilmegi;
- Eserdäki wakalary düşündirip we derňäp bilmegi, agzeki nutkynyň rowanlygy.

Агзеки җогапларың бахаланышы

- Eger okuwçy berlen soraglaryň hemmesine doly we ýalňyşsyz jogap berse, olara mysal we deliller getirse, agzeki nutky ýagşy we özbaşdak pikiri bolsa 5 ball goýulýar;
- Eger okuwçy 2 soragdan birine doly we ýalňyşsyz jogap berip, 2 soraga birinji soraga jogap beren ýaly jogap berip bilmese, ýöne 2 soraga mysal we deliller getirip bilse, özbaşdak pikiri bolsa 4 ball goýulýar;
- Soraglara degişli düşünjesi bolsa, ýöne olara degişli mysallar we deliller getirip bilmese, öz pikirini erkin beýan edip bilmese 3 ball goýulýar;
- Soraglara degişli hiç hili pikiri bolmasa, öz pikirini erkin beýan edip bilmese 2 ball goýulýar.
- Okuwçynyň jogaby iki baha goýulýan talapdan pes bolsa 1 baha goýulýar.